# Gully hana

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Gully hana GULLY HANA

Gully han, baş egýän seniň öňüňde,
Goýmaga hiç kim ýok seniň deňiňde.
Sen ganjyk,
Sen hažžyk,
Sen samsyk,
Hem kümsük.
Şeýtan sen,
Al sen.
Gara baýtal sen.
Seni dünýä inderen goja Berdi Kerbaba
Senden doýup gidipdir.
Soňky demde «Gully han – nälet» diýip gidipdir.
Ýöne barybir sen meniň öýümde,
Meniň toýumda,
Ýatsam-tursam küýümde.
Nirä barsam, çykýaň ilki öňümden,
Kä ýöreýäň deňimden.
Hemme zady bilip dursuň öňünden.
Men diýen kişileň
Içinden köwüp bilýäň.
Dişlerin döwüp bilýäň.
Käte-käte gujaklaýaň,
Käte-de gyjyklaýaň.
Bilip pursatyn,
Ýarýaň gursagyn.
Hem pyçaklaýaň,
Hem paçaklaýaň.

Gully han, sen şeýle adam,
Diýmen saňa asla nadan.
Sen hökmürowan! Sensiz –

Dünýeler dünýä däldir,
Dünýeler düňle däldir.
Eý, Gully han, Gully han,
Almaz hiç bir gülle, han.
Döwran saňa, gülle, han!
Gully hana şöhrat!
Gully hana şöhrat!
Gully hana şöhrat!

Allaýar ÇÜRIÝEW. Goşgular